# Aýdymlar Watanyň ruhy bolmaly…

Category: Goşgular,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025

Aýdymlar Watanyň ruhy bolmaly… **Oguljennet Bäşimowanyň Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Anna, 04.08.2023 ý.
«Ogurlyk» meselesi boýunça gürrüň gozgalsa, sözüm ýer almasa-da ýerde galmajagyny bilýän. Her klip – bir minifilm diýip «Türkmen Owazynyň» ozalky ýolbaşçylaryna aýdanyma nijeme ýyllar bolup barýar. Utanýan. Iş bolmasa ýüzleý kliplerde hiç ynandyryjy bolmaýar. ZADANIÝE ÝOK HIÇ aýdymçylaryň ýüzünde. Tomaşaçyny aldaýandyryn öýdýäler. Özlerini aldaýandyklaryndan habarlary ýok bendeleriň. Meň-ä nebsim agyrýar. Bir komputerşigim aýdym aýdyp bilmeýän bagşy efire çykyp azara galsa, aýdyma gygyrsa: «Şuňa kömek edesim gelýä-dä» diýerdi. Biz-ä «hany, minifilm klipiň senarisini ýazyp bereli» hem diýdik, geçmedi sözümiz. Bir-birinden ogurlasalar gaty gyzykly bolýan bolmagy ähtimal. Hatda opera aýdanlarynda hem şeýle utandym. Azerbaýjan başgaça. Biziňkiler şo ýerde-de aldajak bolýar. Utanaýdym. Gürletseňem hiç kime göwünleri ýetenok.
Aý bor-da, ýene ýaňky sözüm. ÝASAMA HEM OGURLYK AÝDYMLAR NESIL

TERBIÝELEÝÄR WE ŞOL TERBIÝEDÄKI çagalaryň ogurlyk etjegi, ýasama boljagy düşnükli zat, hemmämiz bir-birimize zynjyr kibi bagly, biziň gaçyp gitjek ýerimiz ýok.
Aýdymlar Watanyň ruhy bolmaly.
2000-nji ýyllarda Bahar Hojaýewa üçin ýazyp beren «Säherleriň asuda sen» atly Watan hakda aýdymymy Ýaşulylar maslahatynda aýtdylar, ýöne adymy aýrypdyrlar. Men soň sorasam, Kerim Ylýasow «özüm ýazdym» diýýämiş.
(Ýüzlerçe adamlaryň belent pafos bilen ýerine ýetiren Kabzonyň derejesindäki aýdymy ýürek edip «sözlerini men ýazdym» diýip bilmek üçin gaty uly ýüregiň bolmaly).
Men gaty begenýän şolar ýaly aýdymlary «ýazyp» bilýän adamlaryň ýurdumyzda köpdügine, meňkem azerbaýjan telewideniýesindäki gepleşik ýaly boldy.
Ýene bir zat aýdaýyn. 60.000 manatlyk kinosenariýamy adyna geçirip, «men» ýazdym» diýip otyrkalar, goşgy dagy näme?
Alyň, ogurlaň goşgularymy, gaýratyňyz çatyp halkyň hakydasyndan ogurlap bilseňiz erkek diýeýin. Kinossenariýada-da ejemiň başdan geçirenleri bardy. Goý, ol «özüm ýazdym» diýsin, diýmek ejemiziň ýadygärligine başga biri gül goýýamyş diýip düşüneliň! Sözüm ýok hiç hili. SÖZ GUTARDY.
Başga pikirim yok ogrular hakda. Ogrular ÖŇEE, dogry edýäňiz. Hakykata çenli gidiberiň ogurlygyňyz bilen.
Ine, olar ýalylara meniň berjek jogabym.
Degmäň pahyrlara…

- **Awtor hakynda**

*Oguljennet Gylyjowna Bäşimowa 1970-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Mary welaýatynyň Gökje obasynda dünýä indi.*
*1989-1993-njy ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Türkmen Döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetini žurnalistika hünäri boýunça okap gutarýar.*
*Uzak ýyllaryň dowamynda şu günki güne çenli dürli gazet-žurnallaryň redaksiýalarynda, telewideniýede dürli wezipelerde işläp gelýär.*
*Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» edebi*

*bäsleşigiginiñ iki gezek ýeñijisi bolan O.Bäşimowa maşgalaly, bir ogly bar.* Nukdaýnazar